THE ASHGABAT TIMES

# Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Ermenistan Respublikasynyň Prezidenti bilen duşuşdy

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Ermenistan Respublikasynyň Prezidenti Waagn Haçaturýan bilen duşuşdy.

Gahryman Arkadagymyz beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanyp geçirilýän halkara foruma gatnaşmak üçin ýurdumyza gelen belent mertebeli myhmany mübärekläp, bu wakanyň diňe bir döwletleriň däl, eýsem, abraýly halkara guramalaryň hem ünsüni çekendigini belledi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri ikitaraplaýyn gatnaşyklar barada aýdyp, Türkmenistanyň köp ýyllaryň dowamynda Ermenistan Respublikasy bilen möhüm ugurlarda üstünlikli hyzmatdaşlyk edip gelýändigini kanagatlanma bilen belledi. Prezident Waagn Haçaturýan Aşgabada gelmäge we halkara foruma gatnaşmaga çakylygy üçin tüýs ýürekden hoşallygyny bildirip, özara hormat goýmak, ynanyşmak ýörelgeleri esasynda ýola goýulýan döwletara hyzmatdaşlygyň däp bolan dostlukly häsiýetini nygtady.

Duşuşygyň dowamynda yzygiderli ösdürilýän türkmen-ermeni gatnaşyklarynyň ileri tutulýan ugurlary barada gyzyklanma bildirilip pikir alşyldy. Bellenilişi ýaly, ýurtlarymyz ikitaraplaýyn, şeýle hem köptaraplaýyn görnüşde üstünlikli hyzmatdaşlyk edýärler, abraýly halkara guramalaryň çäklerinde birek-biregi goldaýarlar. Netijeli ykdysady gatnaşyklaryň mundan beýläk-de ösdürilmegi esasy ugurlaryň hatarynda kesgitlenildi. Bu ulgamda, şol sanda söwda, energetika, ulag-kommunikasiýalar ulgamlarynda ýurtlarymyzyň uly mümkinçilikleri bar. Ynsanperwer ulgam döwletara gatnaşyklarda aýratyn orun eýeleýär. Şunda medeni alyşmalaryň işjeňleşdirilmeginiň, bilelikdäki döredijilik çäreleriniň yzygiderli geçirilmeginiň bu ugurdaky netijeli ikitaraplaýyn gatnaşyklara täze itergi berjekdigi bellenildi.

Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow hem-de Prezident Waagn Haçaturýan Türkmenistanyň we Ermenistan Respublikasynyň däp bolan syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmagy maksat edinýändiklerini tassyklap, birek-birege we iki ýurduň dostlukly halklaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

Все права защищены

save pdf date >>> 22.11.2024